# Dakylmak türkmen däbimi?

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Dakylmak türkmen däbimi? DAKYLMAK TÜRKMEN DÄBIMI?

Geçmişiň ýüzüni gara görkezmek üçin, kommunistik sistema döwründe, “dakylmak” diýlen elhenç dessury türkmen halkynyň milli däbi hökmünde görkezdiler. Hatda pygamber derejesine ýeten hezreti Magtymgulynam ýeňňesine dakyp çykdylar. Özem muny geçmişde türkmen halkynyň hor-homsy ýaşanlygy, köp-köp ýigitleriň dul galan ýeňňesini alaýmasa öýlenere gurplarynyň çatmandygy bilen düşündirdiler. Çünki, şular ýaly tutaryklar: ine, siz geçmişde şular ýaly nadandyňyz, bu gün sowet häkimiýeti sizi gör, nähili derejä ýetrdi, diýip, her ädimde biziň “aýbymyzy” ýüzümize basmak, gyjalat bermek üçin kompartiýanyň ideologiýa işgärlerine suw kimin zerurdy.
Ýöne, bir gowy zat, Magtymguly ýaly parasatly, akylly adamyň, onda-da henize bu güne çenli ýoluna sadaka aýdylyp ýörlen Döwletmämmet molla ýaly görnükli din wekiliniň ilhalar oglunyň bir gyza geçirerlik galyň tapman ýeňňesine öýlenendigine hiç kim ynanmady. Çünki, türkmen halkynyň hiç haçanam öz şahyryny, mollasyny, bagşysyny hor-zar etmändigini halkyň özi gowy bilýärdi. Ýöne, biz bu ýerde başga zat barada, dakylmak diýlen elhenç däbiň haçan we nirede dörändigi barada gürrüň etmekçi bolýarys.
Eýsem-de, bolsa dakylmak türmeniň milli däbimikä? Bu gara çeşbent onuň namysjaň gözleriniň üstüni haçan örtdükä? Geliň, gowusy geçmişe nazar aýlap göreliň!
Görnükli türkişynas W.A.Gordlewskiý özüniň “Kiçi Aziýadaky Seljuklar Döwleti” atly kitabynda, (Издательство «Восточной литературы» М., 1960 г.) türkmenleriň Kiçi Aziýa baran döwürlerini, ýagny, XI asyrlaryň wakalaryny beýan edip gidip barşyna, “dakylmak” däbiniň baryp-ha şol mahallaram türkmenlerde könäniň zyýanly galyndysy hökmünde ikän-ýekän dowam edendigini belläp geçýär.
Diýmek, biz “dakylmak” däbiniň köklerini taryhyň has irkiräk

döwürlerinden gözlemeli.

Bu meselede bize beýik türkişynas L.N.Gumilew kömege gelýär. Onuň “Древние тюрки” (Издательство «Москва» 1967 г.) atly meşhur ylmy işinden görnüşine görä, miladydan öňki III asyrda uly döwlet gurup, Hytaýyň Demirgazyk uçlarynda ýerleşýän umman sährada ýaşap geçen gadymy hunlarda äri ölenden soň garyndaşlyk arasynda birek-biregiň dul hatynyna eýe çykmak däbi ýörgünli bolupdyr. L.N.Gumilewiň şol ýerde N.Ý.Biçurine salgylanyp ýazmagyna görä ýagdaý şeýleräk bolupdyr: Ýagny, atasy ýa agasy ölse, diri galan ogul ýeňňesini, egerde öweý bolsa enesini hem almaly bolupdyr. Ol delillik üçin, Nili han ölenden soň onuň dogany Poşi Teginiň öz ýeňňesine – hytaý şaperisi Sýan Şiýe öýlenendigini mysal getirýär.

Bu ýagdaý başda syýasy ähmiýete eýe bolupdyr we hiç kim tarapyndan kadadan çykma hasap edilmändir. Gaýtam, hossarlary tarapyndan dul gelniň gorag astyna alyndygy hasap edilipdir.

Şeýlelikde, “dakylmak” şol döwür iki taraplaýyn ähmiýete eýe bolupdyr. Birinjiden-ä hemişe el güýji ýetmeýän öýçülikde goşmaça kömekçi peýda bolupdyr. Ikinjidenem özüne dakylan täze zenany hem edil başdaş aýaly bilen deň-derejede, hemmetaraplaýyn gorap saklamak äriň öňündäki borç hasaplanypdyr we bu borç dul hatyny barça belalardan, howp hatarlardan, zar-zelillikden we başgada köp-köp horluklardan halas edipdir. Dul hatyn bolsa bu elmaýyşlyklaryň baryna özüniň gol zähmeti bilen jogap beripdir.

Alymlar dakylmagy hemişe nika üsti bilen berkidilen däl bolmagynyň ahmaldygyny çaklaýarlar. Ýöne, her hal dul hatynyň hossarsyz, idegsiz galdyrylmandygyny welin çürt-kesik tassyklaýarlar.

Miladydan öňki III asyryň başlarynda sýanbiler tarapyndan Hun döwleti syndyrylyp, hunlar Hytaýa birigenlerinden soň bu däp syýasy ähmiýetini ýitirenem bolsa, halk arasynda däp hökmünde dowam edipdir.

Hun dinastiýasynyň mirasdüşeri Lýu Sanyň atasyndan galan ýaş gyrnaklara ýanaşmagy hunlaryň öz gözlerine geň görünmese-de, hytaýlylar üçin baryp ýatan masgaraçylyk, bihaýaçylyk hasaplanypdyr.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, asly hun döwletini dargadan sýanbilerden bolan Aşynanyň V a. öz bäş ýüz öýlüsi bilen Altaý sebitlerine gelmegi, ol ýerde-de asly hun taýpalaryndan bolan aborigenler bilen garyşmagy we hytaýlylar tarapyndan özlerine dakylan “tu-kýu” /türküt/ adyny olaryňam boýunlaryna dakmagy netijesinde gadymy türki taýpalar emele gelipdir. Türki sreda Altaýdan uzak günbatara – kaňlylaryň, bejeneleriň, oguzlaryň ýurduna we başga taraplara iňňän çalt ýaýrapdyr. Akademik W.W.Bartoldyň ýazmagyna görä, ähli türkiler eýýäm VI asyrda Wizantiýanyň, Hytaýyň, Eýranyň serhetlerinde bir adam ýaly hereket edipdirler.

Şeýlelikde, gadymy hun taýpalarynyň dessury bolan we öz döwründe adaty zat hasap edilen dakylmak däbiniň teýi esasan hun taýpalaryndan bolan aborigenleriň üsti bilen türkütlere, olardan soň umuman türki taýpalara, assa-ýuwaşam oguzlara, oguzlardan bolsa häzirki türkmenlere geçen bolmaly. Özem adaty dessur hökmünde däl-de, W.A.Gordlewskiniň belleýşi ýaly, turuwbaşdan zyýanly galyndy hökmünde aslyşmak ýoly bilen geçen bolmaly. Ol dessury şondan soň her döwür, her kim özüçe gerek ýerinde ulanypdyr. Has takygy ony käbir maşgalalar çykgynsyz ýagdaýda ulanypdyrlar. Emma hiç kim, hiç haçan oňa hökmany zat hökmünde garamandyr, has takygy oňlanmandyr we ýeňňesine öýlenen ýigit türkmende hiç haçanam barmak basyp sanardan köp bolmandyr. Şeýle ýagdaý ýüze çykaýanda-da il-gün ony ýokuş görüpdir. Toý edilmändir. Nika örän sowuklyk bilen gyýlypdyr. Şeýle hem “dakylanlaryň” arasynda hiç haçanam gyzgyn gatnaşyk, mähir, söýgi bolmandyr. Sowuk düşek mert ýigide hemişe agasyny, gelne bolsa başdaşyny ýatladyp durupdyr. Bu aýylganç jübütleşmäni hezreti Magtymguly şeýleräk beýan edipdir:

*…Namysly goç ýigit alsa ýeňňäni,*
*Her günde agasy ölen ýalydyr.*

Umuman, sözümizi jemläp aýtsak, şol kemsidiji hadysa düýn-öňňüne çenli iki-ýeke dowam eden hem bolsa, muňa türkmen halkynyň ata-baba däbi, dessury ýa musulmançylygyň ýörelgesi diýip däl-de, müňlerçe ýyl mundan öň, nirededir bir ýerlerde

dowam eden dessuryň iňňän konserwatiwlik bilen biziň günlerimize çenli gelip ýeten iň soňky iňňildisi diýip düşünmeli.
Çünki, bir dini ýa dessury bir halkyň içine doly ornaşdyrmak üçin ýa-da süňňünden doly sykyp çykarmak üçin ýüzlerçe, käte bolsa müňlerçe ýyllaryň gerek bolýandygy taryhy hakykatdyr.

1994 ý.

Juma HUDAÝGULY. Jemgyýetçilik tankydy